# Atomdan güýçlidir adamyñ güýji

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Atomdan güýçlidir adamyñ güýji ATOMDAN GÜÝÇLIDIR ADAMYÑ GÜÝJI

***(Enäniñ sözi)***

Öziniñ goñşysy geplänsoñ Senem,
Ýerinden gobsunyp ol garry enem,
Ýürekden syzdyryp, sözläp başlady,
Diñledi hemmeler, diñledim menem.

Diýdi: – Ogullarym, siz gulak salyñ,
Mydam adalatyñ sazyny çalyñ!
Dünýä dynçlyk gerek, adama erk,
Parahat ýaşaýyş bagtdyr, biliñ.

Adamdyr dünýäniñ görki, geregi,
Nämä zerurmyşyn atom ýaragy!
Atom tarapdary – azgyn jenaplañ
Diýeliñ gapylsyn baky garagy.

Erkini janyndan ileri goýan,
Öz ogul-gyzyny ýürekden söýen
Jarnama gol çekdi bir adam deýin,
Ýaşasyn parahat ýaşaýyş diýen!

Ýaşa parahatlyk, depämiñ täji!
Durmuş tagamyndan erkinlik süýji;
Enem soñky sözün aýaklap diýdi:
– Atomdan güýçlidir adamyñ güýji!

Durdy BAÝRAMOW.

# «Ýaşasyn parahatlyk» / Türkmendöwletneşir, 1951 ý. Goşgular